# Dag çekýän

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dag çekýän DAG ÇEKÝÄN

Dag çekýän
Gara,
Gyzyl,
Agyr.
Agtaryp altyn
Soraglap bagtym
Ýatlap ýaşlygymy ýitiren wagtym
Yzarlap anamyñ aglan agysyn
Ysyrgap atamyñ aýagnyñ yzyn
Çökerip dyzym
Gorjalap daglaryñ – daşlaryñ gatyn
Dag çekÿän
Bir elimde galam
Birinde kömür.
Dag çekÿän
Başymy ýaýkap.
Hiñlenip şygyr
Agym aýdym bolup siñende daga
Daşlara ornanda goşgulam
heñim
Ýarylýar çyban
Ýarylýar wolkan
Akÿar gyrmyz gan
Ýandyryp Zeminiñ ýalañaç tenin
Bir gapdaly ýara
bir ýany iriñ
Dag çekýän
Mañlaýy nyşanly
Arkasy ýagyr.
Dag çekýän
Añymda alada

Beÿnimde pikir.
Depesine ýagan galyñ garlary
Kalbynda porsan namys-arlary
synasyna siñen duýgyny çekýän
Almaz zehinin
Gurşuny gurşan tenin
Ynsana gerilen gujagyn
Gursagynda gaÿnan agyny çekÿän
Ümürde ÿitirilen ömür
Dumanda ýanan daban
Dag çekýän
Ertir
Agşam
Giden bir ömür.
Dag çekýän
Gara
Gyzyl
Agyr.

Abdylla MUHAMMEDI.
(Türkmensähra) Goşgular